# Sõýmekden galsyn

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Sõýmekden galsyn SÕÝMEKDEN GALSYN

Agyzla gapdyrmañ sähra gyzlaryn,
Gapjak bolsa dişden-dyrnakdan galsyn.
Toýnakla depdirmäñ sähra gyzlaryn,
Depjek bolsa goşa toýnakdan galsyn.

Hoş bol «güne dõndi ýyllarym» diýip
«Baharda ak çabgam, ýyldyrym» diýip
Gaty sõýüñ «Bagt ýyldyzym» diýip,
Munda bir zat galsa sõýmekden galsyn.

Gül keşbine ýazlañ ýeli gatançly,
Agrasdyr bu ýazlañ ýeli gatançly,
Õñde-soñda, meger peri gatançly-
Bu sõzlem jahana ýaýlyplar galsyn.

Bir sona gelini gaýry ýaşadan,
Okara gõzleri ýarym- ýaş eden,
Çykmaz güne salyp, bagryn baş eden,
Bikemal halal duz iýmekden galsyn.

Gyz bakanda gozganmasa, sarsmasa,
Õkje ýeñlemese, kõñül ersmese,
Sõýgüsini Gün deñine eltmese,
Başlarñyz, goý, telpek geýmekden galsyn.

Baýram JÜTDIÝEW Goşgular